# Mediýadaky kabul etdirme

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mediýadaky kabul etdirme MEDIÝADAKY KABUL ETDIRME




Sözümiñ soñunda ýazjagymy başynda ýazaýyn:
Kürtleriñ Nowruz baýramçylygyny bellemegine kimiñ garşylygy bolup biler?
Emma soñky ýyllarda diñe PKK-niñ saýasyndaky syýasy gurluşlar däl, liberalyndan konserwatiwine çenli käbir syýasy gatlaklar uly kabul etme (восприятие) operasiýasy bilen Nowruzy «Kürt milli azat-edijilik göreşiniñ simwoly» hökmünde görkezip geldi!
Şeýle psihologik propoganda diñe birküç sany metbugat serişdesi arkaly ýöredilendir öýtmäñ. Merkezi mediýa-da muña sazlaşykly hereket etdi, goşant goşdy. Özem häkimiýetiñ ýöreden «Kürt açylymy» döwründe Nowruz dolulygyna şeýle kabul etdirmä öwrüldi!
Nowruz dost-doganlyk, ýagşylyk, bagtlylyk we bahar baýramy bolmakdan çykarylyp, syýasata galkan edildi…
Ýadyñyza salyñ, Diýarbekiriñ Nowruz mitinglerinde Öjalanyñ hatyny okamaga milt edildi! Häkimiýetiñ lellimsireden «Kandil partiýasynyñ» deputatlary polisiýa işgärlerine ýumruk saldy, polisiýa işgärlerini daşlady.




Şol sanda… Käbirimiz «Nowruz baýramynyñ türki halklaryñ durmuşynda müñlerçe ýyllyk taryhy bar» diýen badyna «faşist» tagmasyny aldy!
Ýogsam bolmasa, Nowruz müñlerçe ýyla uzaýan türk halk ynançlaryndan sazyna, hatdaat goýma ylmyna çenli täsirini ýetirip geldi.
Türk gadymy taryhynda Nowruz yrsgal-bereketiñ, doga-dilegiñ, penakärligiñ, şypanyñ simwolydy…
Hem nämüçindir, bilnikli ýa bilniksiz mediýanyñ eli bilen Nowruzy türk medeniýetinden çykarjak boldular.
* * *

Ýadyňyza salyň:
«Novruz» nähili ýazylmaly jedeli turdy: «w» harpy bolmalymy ýa bolmaly däl? Nämemiş, «kürt dilinde «w» harpy barmyş, şeýle ýazylmalymyş!»
Türk dünýäsiniň ulanýan “Newruz, Nawruz, Nowruz, Sultany-Newruz/Nawrız, Nawrez, Newris, Naorus, Nowroz, Nawrıs Oýıs, Newruz Norus, Ulustyn Uly Köni, Ulusyň Uly Güni, Ulu Kün, Ergenekon, Bozkurt, Çagan, Babu-Kürkli Marta, Ilkýaz ýortusy, Täze Gün, Ýengi Kün, Täze ýyl, Mart Dokuzy, Mereke, Meeram, Nartukan (Nardogan), Nartawan, Ysyakh baýramy, Altaý Ködürgeni, Ýörük baýramy, Mewris” ýaly atlary ýada salanam bolmady…




Osmanly «Newruziýe» diýerdi. Osmanly boýundan bolan garageçili türkmen tiresi 21-nji martda Ärtogrul Gazynyñ kümmedininñ daşyna üýşüpdir.
Patyşalara «Hediýýeýi-Newruziýe», wezirlere «Newruziýe pişkeşi» ady bilen sowgatlar berilerdi. Hakyky baýramçylykdy… Mustapa Kemalyñ Ankarada 1922-nji ýylyñ 21-nji martyndan başlap her ýyl Nowruz baýramçylygyny dabaraly belleme çärelerine gatnaşandygy ýatdan çykardyldy… Mart aýy (Osmanlydan gelýän däp) Türkiýede 1985-nji ýyla çenli Täze maliýe ýylynyñ başy hökmünde bellendi!
Nämeleri ýatdan çykarmadylar? Meselem, türkler ulanýan 12

haýwanly kalendarynyñ (müçenamasynyñ) başyny 21-nji martdan başlaýardy: Jelaly kalendary, Mälikşanyñ kalendary…
* * *

Elmydama adamlaryñ añy bulaşdyrylyp gelindi. Mysal üçin:
«Nowruz» sözi pars dilinden gelip çykandygy üçin «türklere bu baýram eýranlylardan geçipdir» diýen pikir nädogry. Olar Nowruz baýramyny XI asyrdan bäri Ferdöwsiniñ höweslendirmegi bilen belläp başlady.
Türklerde bolsa bu baýram yslamdan öñem bardy. «Täze gün», «Bahar baýramy», «Ergenokon baýramy» ýaly atlar bilen bellenýärdi. Filosof Nyzamy Genjewiniñ «Isgendernama» eserinde türki halklaryñ b.e.öñki 350-nji ýyllarda halkyñ bu baýramy belländiklerini ýazdy…
Sowet Soýuzynyñ 1926-njy ýyldan başlap türki halklara bu baýramy bellemegi gadagan edendigini-de ýatladasym gelýär!




Jemläp aýdanymda:
Nowruz baýramynyñ gelip çykyşy, döreýşi tebigata täzeden jan girmegiñ simwolydyr. Adamzat taryhynyñ iñ gadymy baýramlaryndan biridir…
Uzakdan-uzak Nowruz baýramynyñ taryhyny gürrüñ bermek islämok. Ýazjak bolýanym:
Meselem, göktürkleriñ «oduñ üstünden böküp arassalanma, ýülünme» temasynyñ soñky ýyllarda PKK-çylar tarapyndan «syýasy topalañyñ» simwolyna öwrülmeginde mediýanyñ oýnaýan roly!
Ünsüñizi şuña çekesim gelýär. Haýsy gazetleriñ näme ýazandygyny eýýäm ýatdan çykardyñyzmy? Haýsy žurnalistler PKK-

niñ guraýan Nowruz mitinglerinde çykyş edip, psihologiki uruş üçin haýsy kabul etdirme işini alyp bardy?
Eýsem-de bolsa… Ha türkler bolsun, ha kürtler, ha beýleki gadym halklar Nowruz baýramyny isleýşi ýaly belläp biler. Muny hiç kimiñ öz gara propogandasy üçin ulanmaga haky ýokdur.
Baýramyñyz gutly bolsun.
Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 21.03.2024 ý. Publisistika